# Edebi ýaňsylamalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Edebi ýaňsylamalar

EDEBI ÝAŇSYLAMALAR

“Goşjan diýdi: “Tagta bizi
Garşy aldy batga bilen.
Menem diýdim: “Zeleli ýok,
Aýrarsyň-da çotga bilen”.

Ýöne Tagtaň batgasyna
Ýigrenç bilen garamaň siz.”
Ondan gaçyp ýöremäň siz”.

S.Öräýew.

Heý-de ýigrenç bilen garap bolarmy?
Tagtaň batgasyny ýürekden söýýäs!
Ýüzümize, gözümize sürtýäris,
Dulumyzda ony haltalap goýýas.

Tagtaň batgasyndan gaçyp “ýörýänler”,
Adam däldir, haýwandyr ýa akmakdyr.
Tagtaň batgasyndan gaçyp ýöremek,
Sapar Öräň mertebesin ýykmakdyr.

Şoň üçin batgadan sowlup geçene:
“Akmak bolma, adam bolawer!”- diýýäs.
Aýagyndan tutup, zyňýas palçyga,
Penjeläp, agzyna şor palçyk guýýas.

Şabadyň suwundan müň paý gowy diýip,
Günde iki gezek batga bulanýas.
Arman, tomus batgasy ýok Tagtanyň,
Tomus düşse, günümiz kyn, elenýäs.

“Çotgalasaň bizi kemsitmek bor” diýip,
Eli çotgalynyň alýas çotgasyn.
Goşjanyňam asla görmers ýüzüni,
Eger çotgalaýsa Tagtaň batgasyn.

Tagtaň batgasyna erbet garýanlar,
Ozal-ahyr hökman gözünden tapar.
Goşjana-da ýaryn berersiň diýip,
Ýollan batgamyzy kabul et, Sapar!

(Tagtalylaryň Sapar Öräýewe ýazan hatyndan).

***

“Mert bol!” diýip, Merdan dakdym adyňa “

H.Nurmyradow, “Ogluma”

Merdanlaram gerek, mertlerem gerek,
Dogry edipsiň Merdan dakyp adyna.
Ondanam haýbatly atlar bar welin,
Belki, olar düşen däldir ýadyňa.

Batyr dakan bolsaň, gahryman bordy,
Ady näme bolsa, şo bormuş çaga.
“Bagşy” dakan bolsaň, aýdym diňlärdik,
“Kosmos” dakan bolsaň, uçardy göge.

Döwlet bilen uzak ýaşasyn ogluň,
Adynyň kemi ýok, bolamok küpür.
Ikimiz dek goşgujyk-ha ýazmaz-da,
“Şahyr” at dakmansyň, şoňa müň şükür!

***

Bir mahalky saçlak gyzyň aýdymy.

“Men çözläýin,sen ör saçyň,
Örüp-çözüp irmez eller”

Gowşut Şamyýew.

Ýigrimi ýyl mundan ozal sataşyp,
Başdan aýlap urduk işi-pişäni.
Ol örüp ýetişse, men saç çözledim,
Şeýdip geçirdik biz gündiz-gijäni.

Bagtly bir pursata ýetendirs öýtdük,
Gara saçy örsek ýa-da çözlesek.
Deň-duşlar sorasa kärimiz hakda,
Ol diýdi: “Saç örmek”.
Menem: “Çözlemek”.

Işlemedik, aýlyk-günlük almadyk,
Saç  örmek, çözlemek çörek, çaýymyz.
Gije-de oýansak, saça ýapyşdyk,
Şeýdip geçdi ýyllarymyz, aýymyz.

Kynçylygam hiç-de,açlygam hiç-de,
Çözlänimem hiç-de, örenem hiç-de.
Arman, tokmak ýaly saçdan aýrylyp,
“Kel aýal” adyny aldym kyrk ýaşda.

***

“Gyýylmaly günler gelse gyýylyň!”

B.Jütdiýew.

Şahyr pendi asyl bolmaz biderek,
Ajygan mahalyň iýmeli çörek.
Toýda aglamasyz, ýasda gülmesiz,
Gaty suwsan bolsaň, suw içmek gerek.

Aýdylmadyk bolsa şeýle pähimler,
Walla,ähli zady bulaşdyrardyk.
Köwüş diýp aýaga telpek geýerdik,
Şeýdip, şahyrlaram gülüşdirerdik.

Ýogsam, bizde akyl barmy, aň barmy!
Pişik bize görünerdi şir bolup.
Gyýylmaly günler gelse gyýylman,

“Selbinýaza” gygyrardyk hor bolup.

***

“Daragtyň ýagşysyn miweden soraň,
Her ýeten agaja nar diýip ýörmäň”

G.Hojanýazow.

Sutkada ýigrimi bäş sagatlap ýatmaň,
Tapawudyn biliň köşk bilen çatmaň.
Gazanyna ýeke çümmük duz atman,
Bişirlen nahara şor diýip ýörmäň.

Saýgaryň aýagy, agyzy, eli,
Saýgaryň tokaýdan bir çöpsüz çöli.
Asmandan däl, ýerden ýagaýsa doly,
Ýagan zady bilmän, gar diýip ýörmäň.

Açaýmasa yssy, sowguň arasyn,
Görmek gerek ol nadanyň çäresin.
Aňlamazlar şahyrlardan sorasyn,
Ýöne garpyz görüp, nar diýip ýörmäň.

Atajan Tagan.

Goşgular